# Adolf Gitler türkmi?

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Adolf Gitler türkmi?

ADOLF GİTLER TÜRKMI?

Gitler elbetde türk däl! Emma, ynha görersiňiz, haçanam bolsa bir gün kimdir bir alasamsygyň biri "Gitler türk bolupdyr!" diýen samsyklaç gürrüňi orta atar we faşistik Germaniýanyň amala aşyran ýewreý genosidini türk milletiniň boýnuna atmagyň ýollaryny gözläp başlarlar, aramyzdan biri çykybam "Hawa, dogry. Gitler türkdi, murty türk murty, boýy orta boýly, ýagny türk boýy" diýibem oňa güwä geçer. Yzyndanam "Taryhymyz bilen ýüzleşeliň!" ady bilen köpçülikleýin çykyşlar başlar… Ýagdaýlaryň şu gidişi bilen şeýle boljagy daşam däl.
"Eý-hoo, heý, şeýle-de bir zat bormy Osmanly döwleti Ispaniýadan, Türkiýe respublikasy-da Gitler Germaniýasyndan gaçan ýewreýleri gujak açyp garşylamadymy? Taryhy hakykatlary beýdibem ýoýmaň ahbetin!" diýenlerem bolar elbetde, olaryňky bu babatda dogrudyram.
Ýöne biziň aýdýanlarymyzy-da bütinleý nädogry hasaplap bolmaz. Sebäbi hakykatdanam juda geň-taňsy üýtgeşmeler bolup geçýär. Ikinji jahan urşunda Gitleriň toýnagyny gyrkan iň uly we ýeke-täk güýç SSSR däldimi näme? Orsyýediň "Onuň alyhezretleri Gyş pasly" däldimi näme zömpük nilli tanklary bilen öňünden çykany mynjyradyp geçen nemes faşistleriniň öňüne böwet bolan we olary derbi-dagyn eden?
Hut şeýle! Hut şeýleligine şeýle welin, Ýewropanyň Ykdysady hyzmatdaşlyk we howpsuzlyk guramasy (YHHG) toý-baýramyň däl, dabaranyň däl, näme üçin hut faşistler bilen sowetleri adamzada garşy edilen etmişe şärikdeş tutan kararyň astyna gol çekdikä?
Ýewropanyň gözünde indi ýewreý genosidiniň ýeke-täk jogapkäri faşistik Germaniýa we Gitler däl, Gitler bilen deň derejede Stalin, Germaniýa bilen deň derejede-de Russiýa jogapkärmişin…

Häzir nobat Russiýada "Taryhymyz bilen ýüzleşeliñ!" diýäýjek ruslary tapmaga geldi, göreliñ bakaly, bu hususda Russiýa Türkiýe  ýaly kellesi göçgünlimi?
"Dur-ow, zaluwat, intelligensiýamyzy gereginden artyk gorjalaýañ" dagy diýiji bolaýmañ. Eger şeýtseñiz, onda menem size Kiprde bolup geçenleri we şol günlerden häzirki günlere gelişimizi ýatlatmaga mejbur bolaryn welin, kelläñiz güp çişer.
Özüñiz bilýäñiz, Kiprde aýaga galan rumlar "adada ýeke türk goýman gyrmak" üçin ýaraga ýapyşypdy we türkleriñ ýaşaýan ilatly punktlaryny gabap, ganhorçylykly hereketlere başlapdylar. Türkiýe hem öz gezeginde şertnamada bellenilen hukugyna esaslanyp Kipre giripdi we uly gyrgynçylygyñ öñüni alypdy, munuñ öwezini bolsa embargolar, ykdysasy gysyşlar, halkara arenada süşüşmeler bilen agyr ödäpdi.
Şol gün mehmetjigimizi gözýaşa boglup garşylanlaryñ arasyndan şugünki günde "türk esgeri adada basybalyjydyr" diýenleri çykardylar, döretdiler…
"Biziñ hemmämiz ermeni!" diýenlerem biziñ aramyzdan çykypdy. Şu gidişimiz bilen Gitleriñ aslynyñ türkdügini orta atyp bilerler we muny subut etmekde hiç hili kynçylyk çekmezler…
Özüñiz bilýäñiz, Osmanly goşunlary Wenany iki gezek gabapdy. Bu gabawda ýesir düşenleriñ arasynda türk gyzlary-da bolupdyr. Meselem, häzir Góotäniñ ejesiniñ gelip çykyşy boýunça Selimiñ neslinden gelýändigini subut etjege meñzeýärler. Ýesir düşen türk erkekleri we gyzlary dinlerini üýtgedensirän bolsalaram, aslynda dinlerinem, milliliklerinem gorap saklapdyrlar. Ynha, şular ýaly zada esaslanyp, haçanam bolsa kimdir biri orta çykyp "Gitleriñem enesi türk bolupdyr" diýmegi daşda däl. Hatda şeýle-de diýip biler: "Musulman we türk ejesi Gitleri barypýatan ýewreý duşmany edip ýetişdirdi. Sebäbi Gurhanda ýewreýleriñ garşysyna köpsanly aýat bar, munuñam üstesine Gitleriñ ejesiniñ ýewreý goñşusy bardy, oñşuklary-da gowy däldi!"
Şeýdip, bir okda iki towşan… Türkler we Gurhan! Ýagny, yslam… Gülkünç gerek? Bolanda näme!..
YHHG-nyñ parlamentar assambleýasynyñ Gitleriñ eden etmişlerine

ruslary şärik etmesi-de gülkünç ýalydy, emma bu gülkünç zat amala aşdy…
Etmedik genosidini SSSR-e ýöñkän Ýewropa Staliniñ türki halklara garşy eden genosidini, meselem Krym tatarlaryna garşy geçiren genosidini üns merkezine alasy gelenok, ol wajyp zat däl. Sebäbi olar türki we musulman halklar…
Kiprde türk esgerine basybalyjy we "Ermenileri gyrdyk, taryhymyz bilen ýüzleşeliñ!" diýenlerimiz ruslaryñ türki halklara garşy geçiren genosidine pitiwa edenoklar, etmezlerem!.. Olaryñ pikirine görä, "Türkiler bolsa oñaraýýypdyrlar!"
Haçanam bolsa bir gün alasamsygyñ biri çykyp "Gitleriñ ejesi türk bolupdyr" diýende, görersiñiz: Sorosyñ Türkiýede ýaşaýan onlarça zürýady çykyp ilki "Bolup biler" diýer, yzyndanam "Hawa, hakykatdanam şeýle bolsa näme!" diýen bolup emeli subutnnamalar döreder we bir gün ir bilen oýananymyzda gazet sahypalarynda we teleýaýlymlarda "Taryhymyz bilen ýüzleşeliñ!" diýýänler bilen ýüzbe-ýüz bolarsyñyz… Häzirden aýdyp goýdugym bolsun… Şol gün gelende geñirgenip durmañ…

Hasan DEMIR.

@ Gazete_Yenicag, 2009.

Taryhy makalalar